**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**— BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!**

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
ELECTRONIC NEWSPAPER

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty.

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№21 (104) 2024-nji ýylyň 1-nji sentýabry



# HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

**Syýasy habarlar**

**26-njy awgustda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa Kamboja Patyşalygynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Sok Çeadan ynanç hatyny kabul etdi.

26-njy awgustda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Dragon Oil» kompaniýasynyň direktorlar geňeşiniň başlygy Saýed Al Taýeri kabul etdi. Duşuşygyň dowamynda bilelikdäki işiň toplanan baý tejribesini we ýangyç-energetika toplumyny mundan beýläk-de ösdürmek boýunça Türkmenistanyň meýilnamalaryny nazara almak bilen, köpýyllyk hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmegiň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

* * *

**27-nji awgustda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew bilen telefon arkaly söhbetdeşligi boldy. Gürrüňdeşligiň dowamynda ozal gazanylan ylalaşyklaryň durmuşa geçirilişi, geljekde amala aşyryljak bilelikdäki taslamalar ara alnyp maslahatlaşyldy.

27-nji awgustda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa Somali Federatiw Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi jenap Fathudin Ali Mohamedden ynanç hatyny kabul etdi. Söhbetdeşligiň barşynda ilçä Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlary barada gürrüň berildi.

27-nji awgustda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa Mawrikiý Respublikasynyň ýurdumyzdaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi jenap Heswar Jankeden ynanç hatyny kabul etdi. Söhbetdeşligiň dowamynda Mawrikiý Respublikasynyň doly ygtyýarly wekili Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlary, amala aşyrylýan giň gerimli özgertmeler bilen baglylykda, milli parlamentiň işi bilen tanyşdyryldy.

* * *

**28-nji awgustda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow iş sapary bilen Eýran Yslam Respublikasynda boldy. Saparyň çäklerinde Gahryman Arkadagymyz Prezident Masud Pezeşkian hem-de Beýik ruhy lider Aýatolla Seýed Ali Hoseýni Hameneýi bilen gepleşikleri geçirdi.

* * *

**29-njy awgustda** Özbegistan Respublikasynyň energetika ministri Ž.Mirzamahmudowyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň agzalarynyň paýtagtymyzda geçiren duşuşyklary netijeli häsiýete eýe boldy. Duşuşyklarda iki ýurduň arasynda ýangyç-energetika ugry boýunça ýola goýulýan hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy we ony ösdürmegiň geljekki ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy.

29-njy awgustda ýurdumyzda saparda bolýan Owganystanyň Magdan we nebit önümleri ministriniň wezipesini ýerine ýetiriji H.Badriniň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň agzalary paýtagtymyzda geçirilen duşuşyklara gatnaşdylar.

«Ýaş diplomatyň sesi».

# ENE — ZEMIN MUKADDESLIGI

**2024-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Enä tagzym — mukaddeslige tagzym» atly kitabynyň pars diline terjime edilmegi mynasybetli dabaraly maslahat hem-de amaly-haşam sungatynyň eserleriniň sergisi geçirildi. Oňa ýurdumyzyň medeniýet, sungat, döredijilik, bilim işgärleri, talyp ýaşlar, şeýle-de köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.**

Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş drama teatrynyň artistleriniň ýerine ýetirmeginde «Ene — zemin mukaddesligi» atly edebi-sazly kompozisiýasy bilen badalga alan dabaraly maslahat Türkmenistanyň Gahrymany, Türkmenistanyň halk ýazyjysy Gözel Şagulyýewanyň çykyşy bilen dowam etdi. Ol öz çykyşynda külli türkmen halkyny, hormatly Prezidentimizi, Gahryman Arkadagymyzy «Enä tagzym — mukaddeslige tagzym» kitabynyň pars diline terjime edilmegi bilen tüýs ýürekden gutlap, bu kitapda giňişleýin beýan edilýän ene mukaddesliginiň, Gahryman Arkadagymyzyň mähriban käbesi Ogulabat ejäniň durmuş ýolunyň halkymyzyň ruhy-ahlak gymmatlyklaryna ygrarlydygynyň ajaýyp nusgasydygyny nygtady.

Maslahatda çykyş edenler hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň kitaplarynyň ýaş nesli watançylyk ruhunda we belent ruhy-ahlak gymmatlyklar esasynda terbiýelemekdäki möhüm ähmiýeti dogrusynda giňişleýin gürrüň berdiler. Mundan başga-da, türkmen halkynyň Milli Lideriniň Eýran Yslam Respublikasyna amala aşyran iş saparynyň çäklerinde ýurduň Prezidenti Masud Pezeşkianyň Gahryman Arkadagymyza pars diline terjime edilen «Enä tagzym — mukaddeslige tagzym» kitabyny gowşurmagynyň aýratyn mana eýe bolandygy buýsançly bellenildi. Çünki Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan daşary syýasatynyň netijesinde bu günki gün türkmen-eýran gatnaşyklary dost-doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk, özara hormat goýmak ýörelgeleri esasynda has-da pugtalanýar.





Türkmenistanyň halk artisti Sahydursun Hojakowanyň, Türkmenistanyň at gazanan artisti Tirkiş Mätnazarowyň, Dokma senagaty ministrliginiň «Dokmaçylar» medeni merkeziniň Folklor-etnografiýa tans toparynyň çeper ýolbaşçysy, Türkmenistanyň halk artisti Annajemal Nurmuhammedowanyň, Türkmenistanyň halk artisti Läle Begnazarowanyň, Türkmenistanyň at gazanan artisti Jahan Tagyýewanyň, Türkmenistanyň halk artisti Annaguly Myratdurdyýewiň ýerine ýetirmeginde mähriban enelerimizi, Watanymyzyň gülläp ösüşini wasp edýän aýdym-sazly çykyşlar dabaraly maslahata aýratyn öwüşgin çaýdy.

Gahryman Arkadagymyzyň «Enä tagzym — mukaddeslige tagzym» atly kitabynyň pars diline terjime edilmegi mynasybetli geçirilen dabaraly maslahatyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiziň adyna Ýüzlenme kabul etdiler.

*Jahantäç ÖWEZOWA,*
*Halkara žurnalistikasy fakultetiniň*
*III ýyl talyby.*

# TÜRKMENISTAN — EÝRAN: HOŞNIÝETLI HYZMATDAŞLYGYŇ BAÝ TEJRIBESI

*Taryhyň sapaklary goňşularyň arasyndaky dostlugyň näçe berk boldugyça, adamlaryň şonça-da asuda hem abadan ýaşaýandygyny görkezip gelýär. Bu syýasat babatda-da şeýle. Şoňa görä-de, häzirki wagtda Türkmenistan we Eýran Yslam Respublikasy syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda iki tarapyň hem milli bähbitlerine doly laýyk gelýän hyzmatdaşlygy täze derejä çykarýarlar. 2024-nji ýylyň 28-nji awgustynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň iş sapary bilen Eýran Yslam Respublikasynda bolmagy muny ýene bir ýola aýdyňlygy bilen subut edýär.*

Eýran Yslam Respublikasy Türkmenistanyň iň ýakyn goňşularynyň biri. Iki dostlukly döwleti diňe geografik taýdan ýakynlyk däl, eýsem, öňden gelýän gadyrly gatnaşyklar, taryhy-medeni kökler has-da ýakynlaşdyrýar. 1992-nji ýylyň 18-nji fewralynda Türkmenistan bilen Eýran Yslam Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlanyndan bäri 32 ýyldan gowrak wagt geçdi. Şol ýyllarda iki ýurt hakyky dostlar hem hyzmatdaşlar hökmünde tagallalarynydyr mümkinçiliklerini milli we sebit bähbitlerini üpjün etmäge gönükdirip, hoşniýetli goňşuçylygyň binýadyny pugta berkitmegi başardy. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda Eýran bilen hyzmatdaşlykda amala aşyrylan Tejen — Sarahs — Maşat demir ýoly, Körpeje — Gurtguýy gaz geçirijisi, «Dostluk» suw howdany döwletara gatnaşyklaryň taryhyna bilelikdäki iri taslamalar hökmünde ýazyldy. Gazagystan — Türkmenistan — Eýran demir ýoly häzirki wagtda Demirgazyk — Günorta ulag geçelgesiniň «altyn halkasy» hökmünde ägirt uly giňişlikde ykdysady ösüşiň depginini artdyrmaga goşant goşýar.

Häzirki wagtda Eýran bilen gatnaşyklarymyz diňe bir özara bähbitlilik esasynda däl, eýsem, sebitde abadançylygyň, asudalygyň, rowaçlygyň bähbidine netijeli ösdürilýär. Eýran bilen köpugurly hyzmatdaşlyk söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer, ýangyç-energetika, oba hojalygy ýaly ugurlar boýunça alnyp barylýar. Ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk geçen döwürde barha işjeň häsiýete eýe boldy. Muny iki ýurduň döwlet Baştutanlarynyň amala aşyrýan saparlary hem aýdyňlygy bilen görkezýär. 2022-nji ýylyň 14-15-nji iýunynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň bu döwlete amala aşyran ilkinji resmi sapary öňden gelýän gatnaşyklarymyzy berkiden hem-



de sebit ähmiýetli başlangyçlaryň öňe sürlen, iri taslamalaryň amala aşyrylmagyna dahylly döwletleriň sebitara işjeňligini goldaw tapan sapary boldy.

Şu gezekki iş saparynyň dowamynda goňşy döwletiň Lideri Masud Pezeşkian Gahryman Arkadagymyza pars diline terjime edilen «Enä tagzym — mukaddeslige tagzym» atly kitaby sowgat berdi. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy pars diline terjime edilen bu kitaby minnetdarlyk bilen kabul edip, oňa türkmen halkyna gymmatly sowgat, biziň enelerimize belent sarpanyň nyşany hökmünde garaýandygyny belledi. Çäkli we giňişleýin düzümde geçirilen gepleşikleriň gün tertibine bolsa iri halkara guramalaryň çäklerinde döwletara hyzmatdaşlygyň giň meseleleri girizildi.

Gahryman Arkadagymyz türkmen tarapynyň Eýrana iberilýän gazyň möçberini her ýylda 40 milliard kub metre çenli artdyrmagy göz öňünde tutýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň çäginde iki sany täze gaz gysyjy desgany we 125 kilometrlik täze gaz geçirijini gurmagyň meýilleşdirilýändigi aýdyldy. Bu baradaky gürrüňiň dowamynda ýakyn geljekde «swap» usuly arkaly türkmen tebigy gazyny Yrak Respublikasyna we soňra Türkiýä ibermegiň göz öňünde tutulýandygy aýdyldy.

Taraplaryň pikirine görä, elektroenergetika pudagy hem özara hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly itergi berýär. Hormatly Arkadagymyz bu babatda möhüm taslama bolan Mary — Maşat elektrik geçirijisiniň türkmen böleginiň gurluşygynyň ähmiýetini belledi. Güýjenmesi 500/400 kilowolta barabar bolan elektrik geçiriji Mary şäherinden başlap, Sarahsa we ol ýerden türkmen-eýran serhedine çenli uzalar. Onuň türkmen-eýran serhedine çenli uzynlygy 155 kilometre deň bolar.

Gepleşikleriň dowamynda Milli Liderimiz öz adyndan we Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidentini Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli şu ýylyň 11-nji oktýabrynda Aşgabatda geçiriljek döwlet we hökümet Baştutanlarynyň halkara forumyna gatnaşmaga çagyrdy. Şeýlelikde, hormatly Arkadagymyzyň Eýran Yslam Respublikasyna iş saparyny amala aşyrmagy dostlukly türkmen-eýran gatnaşyklarynyň häzirki döwürde täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylýandygyny aýdyňlygy bilen subut edýär.

Eýran Yslam Respublikasynyň Beýik ruhy lideri Türkmenistany «doganlyk döwlet» diýip atlandyrýar. Bu biziň ýurdumyz babatda-da şeýle. Munuň özi ýurtlarymyzyň gatnaşyklarynyň syýasy erkislege, özara düşünişmäge, birek-birege hormat goýmaga esaslanýandygyny görkezýär. Şoňa görä, iki döwletiň ýokary ýolbaşçylarynyň arasynda geçirilýän ýokary derejedäki duşuşyklar ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň işjeňleşdirilmegine güýçli itergi berip, özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge bolan çemeleşmeleri kesgitlemekde oňyn şertleri üpjün edýär.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

## Новости дипломатических представительств Туркменистана за рубежом



**24** августа в рамках фестиваля «Каспийские сезоны» на сцене Астраханской филармонии состоялся концерт «День Туркменистана».

Как сообщает Консульство Туркменистана в Астрахани, в концерте прозвучали произведения мировой и национальной музыкальной классики, а также современные эстрадные песни. Музыкальное искусство Туркменистана представили певец, народный артист Туркменистана Атаджан Бердыев, пианист, лауреат национальных и международных конкурсов Ашир Аширов, а также камерный ансамбль «Камерата Ашхабад».

**29** августа министр экономики и коммерции Кыргызстана и посол Туркменистана провели встречу. В ходе встречи министра экономики и коммерции Кыргызстана Данияра Амангельдиева с чрезвычайным и полномочным



послом Туркменистана в Бишкеке Нуры Голлиевым были обсуждены вопросы сотрудничества в торгово-экономической и транспортной сферах.

В частности, туркменский посол отметил значимость сотрудничества в сфере международных грузовых перевозок между двумя странами и важность запуска транспортного коридора из КНР через Кыргызстан и Узбекистан и далее в Туркменистан с выходом на Каспий. Об этом сообщает tazabek.kg со ссылкой на минэкономики РК.

**24** августа культура и история Туркменистана представлены в Сеуле на выставке, посвященной миру (World peace Art exhibition).

Как сообщает пресс-служба Посольства Туркменистана в Республике Корея, фотогалерея иллюстрирует культуру, историю, традиции Туркменистана. Здесь представлено древнее искусство ковроткачества и рукоделия, красота ахалтекинских лошадей, а также достижения современного искусства страны.

***Подготовила: Ораджемал ЧАРЫЯРОВА, студентка II курса факультета международной журналистики.***

2024-nji ýylyň 1-nji sentýabry

https:// www.iirmfa.edu.tm

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

# Arzyly Arzuwlaryň wysaly



*Aýlar JUMAÝEWA,*
*Halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetiniň I ýyl talyby, «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň III möwsüminiň baş baýragynyň eýesi.*

Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyz: «Ýaş nesilleriň ýokary derejede bilim almaklary, saýlan hünärleriniň eýeleri bolmaklary, watançylygyň hem-de ynsanperwerligiň ruhunda terbiýelenmekleri üçin giň mümkinçilikleri döredýäris» diýip, örän jaýdar belläp geçýär. Ýurdumyzda ýaş nesilleriň ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, päk ahlakly, zehinli hünärmenler bolup ýetişmekleri üçin ähli mümkinçilikler döredilýär.

Men hem okuwçy döwrümde ýurdumyzda zehinli ýaşlary ýüze çykarmak maksady bilen geçirilýän birnäçe bäsleşiklere uly höwes bilen gatnaşdym. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň ýörite Karary esasynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň düzüminde döredilen Ýaş diplomatlaryň mekdebiniň guramagynda mekdep okuwçylarynyň arasynda geçirilen «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň «Beýik Magtymguly Pyragynyň taglymaty — umumadamzat gymmatlyklarynyň milli şamçyragy» atly şygar astynda geçirilen III möwsüminiň baş baýragyna hem-de göçme kuboga mynasyp bolmagym maňa hünär saýlamak meselesinde uly ýardam etdi. Ykballary özgerdiji, zehini zehinden saýlaýan bu bäsleşige gatnaşmagym meniň diplomatiýa, Bitarap Watanymyzyň parahatsöýüjilikli daşary syýasatyna bolan höwesimi has-da artdyrdy. Şeýle-de 2023-2024-nji okuw ýylynda «Altyn asyryň altyn zehinleri» ady bilen mekdep okuwçylarynyň arasynda geçirilen ders bäsleşiginiň welaýat tapgyrynda iňlis dili dersi boýunça 3-nji orna mynasyp bolmagy başardym.

Ynsan ömri pursatlardan düzülýär. Talyplyk hem ynsan ömrüniň bahary, iň bir arzyly, ýatdan çykmajak pursatlaryň jemlenen döwri. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda talyp bolmak bagtynyň maňa-da miýesser edendigine begenjimiň çägi ýok. Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň giňden bellenilýän ýylynda şeýle uly bagta miýesser bolmak meniň durmuşymda ýatdan çykmajak wakalaryň biri boldy. Giriş synaglaryndan üstünlikli geçip, maňa Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetiniň talyby bolmak bagty miýesser etdi.



«Hünärli hor bolmaz» diýlişi ýaly, hünär ynsanyň ýaraşygydyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz her bir raýatyň saýlan hünäriniň hakyky eýesi bolmagyna, öz ukyp-başarnygyny açyp görkezmegine giň mümkinçilikleri döredip berýär. Men hem Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýaşlara bildirýän uly ynamyny ödäp, saýlap alan hünärim boýunça kämil bilim alyp, ilimize-günümize gerekli hünärmen bolup ýetişmegi öz öňümde maksat edip goýýaryn.

Ýurdumyzda her bir ýaş nesliň öz öňünde goýan maksadyna ýetmegi, ylymly-bilimli bolmagy üçin ähli şertleri döredip berýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys. Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, beýik tutumly işleri elmydama rowana ýollarda rowaçlyklara beslensin!

# A Great Goal Set Forth

During the revival of the New Era of the Powerful state, great works are being implemented in the country under the wise leadership of our Hero Arkadagly Serdar, so that the youth of the country can get a modern education, develop a broad worldview, and become skilled professionals. In order to guide young people to the profession while still studying at the school desk, various competitions are held among school students in higher educational institutions of the country. One of such contests is the intelligence competition "Young Messengers of Peace," organized by the School of Young Diplomats operating at the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, established on the basis of the Decree of our President Hero Arkadagly Serdar. I also watched this competition on TV and made it my goal to participate in it. As the saying goes, "If you cry sincerely, tears will come out even of blind eyes," I successfully passed the test for the lll season of the intellectual competition, which is held under the general motto "The Great Magtymguly Pyragy's Teachings of Peace – the National Guiding Light of Universal Values," and qualified for the competition's requirement, becoming eligible to participate. I was lucky to become the winner of the 5th qualifying round and the 1st semi-final round of the competition. I also performed successfully in the finals and won the 3rd place. The competition left a lasting impression on me and fueled my passion for diplomacy. In the year "The Fount of Wisdom Magtymguly Pyragy," I successfully passed the entrance exams of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, was awarded the title of student, and achieved my great goal.

I wholeheartedly wish the National Leader of the Turkmen people Hero Arkadag and our esteemed President Arkadagly Hero Serdar, who create such wonderful opportunities for education, and the president of the Republic of Azerbaijan, to live long and prosper in their future endeavours!



*Gulayym BAKYYEVA,*
*the 1st year student of the Faculty of International Economic Relations the winner of the II place of the III season of the intellectual competition «Young Messengers of Peace»*

# Слова искренней гордости

«Терпенье и труд все перетрут». Я ещё глубже стала понимать смысл этой пословицы. Потому что ещё со школьной парты мечтала стать студенткой. Именно поэтому я стала усердно изучать иностранные языки. Я заняла второе место на городском этапе предметной олимпиады по истории «Altyn asyryň altyn zehinleri», проводимой среди школьников нашей страны. А также стала победителем II сезона интеллектуального конкурса «Юные вестники мира», организуемого среди школьников Школой молодых дипломатов Института международных отношений МИД Туркменистана. И в итоге — сегодня, в год «Кладезь разума Махтумкули Фраги», моя мечта сбылась.

Я сегодня стала счастливой студенткой факультета международных экономических отношений Института международных отношений МИД Туркменистана. В заключение, хочу искренне поблагодарить нашего Героя-Аркадага, уважаемого Аркадаглы Героя Сердара за возможность учиться, созидать, раскрывать наши таланты.



*Гульджан СЕРДАРОВА,*
*студентка I курса факультета международных экономических отношений, Победитель II сезона интеллектуального конкурса «Юные вестники мира».*

*«Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň IV möwsümi «Bitarap Türkmenistanyň parahatçylygy dörediji diplomatiýasy: netijeli hyzmatdaşlygyň we durnukly ösüşiň ygtybarly guraly» atly umumy şygar astynda geçiriler.*

## Watan waspy

*Eger ýurduň hakda söz sözlär bolsaň,*
*Ilki bilen, öwrengin oň taryhyn.*
*Watanňa peýdaly kär gözlär bolsaň,*
*Joşup-joşup edibergin tarypyn.*



*Elbetde, ikinji enedir Watan,*
*Beýgeler abraýna abraý gatan.*
*Mundan beýik şalar weliler öten,*
*Hormatlaýň alymydyr arypyn.*

*Öz halkyň adyna at goşup bilseň,*
*Ýurduň ösüşine bat goşup bilseň,*
*Eneleň göwnüne şat goşup bilseň,*
*Ýagşylyga bagtly güne sarysyň.*

*Ilimiň sährasy, derýa çölleri,*
*Guwludyr, gazlydyr deňiz-kölleri,*
*Parahatdyr oba-şäher illeri,*
*Meger şudur bütin ömrüň manysam.*

***Baýnazar BAÝHANOW,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.***

# SALAM, BILIMLER DÜNÝÄSI!

**1-nji sentýabr. Ynha, ýene-de täze bir okuw ýylynyň başlangyjy. Gör, bu güne näçe ynsan sabyrsyzlyk bilen garaşýar?! Mugallymlar, okuwçylar, ak mekdebiň gapysyndan ilkinji gezek ätleýän körpejeler, talyplar... Mekdep partasy, mekdebe barýan ýol... Mekdep durmuşy ömrümiziň iň şatlykly, ýyldyz öwüşginli ýatlamalaryna juda baý.**

Her ýylyň tylla güýzi ýakynlaberende çagalygyňa berlip, bigam günleriňi gaýtadan garsa gujaklasyň gelýär. Belki bu güýz paslynyň düşnüksiz ruhy duýgulary bilen baglydyr?! Mekdebi ýatlamak islendik adamy biygtyýar ýylgyrdýan bolsa gerek. Öz çagalyk döwrüňi ýatlap, ak mekdebiň gapysyndan oguljygyň elinden tutup gaýtadan ätlemek bolsa üýtgeşik lezzet berýär.

Täze okuw ýyly — täze üstünlikleriň badalgasy. Täze okuw ýyly — täze maksatlaryň, täze arzuwlaryň, täze gözlegleriň başlangyjy. Döwlet Baştutanymyzyň Ministrler Kabinetiniň şu ýylyň 12-nji iýulynda geçirilen giňişleýin mejlisinde beren tabşyryklaryna laýyklykda, giriş synaglarynda mynasyp ýaşlar saýlanylyp, talyplyga kabul edildi. Şol sanda bagtyýar ýaşlaryň ýüzlerçesi Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň giriş synaglaryndan üstünlikli geçip, bu abraýly ýokary okuw mekdebiniň bagtyýar talyplary boldular. Olaryň arasynda institutymyzdaky Ýaş diplomatlaryň mekdebiniň guramagynda geçirilmegi däbe öwrülen «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň ýeňijileri hem bar. Bu bäsleşik mekdep okuwçylary üçin diplomatiýa dünýäsine özboluşly girelge bolup, institutymyzyň zehinleriň gözlegindäki alyp barýan işiniň miwesidir.

Ýokary okuw mekdeplerinde täze hünärleriň açylmagy bilen, okuwa kabul edilýän ýaşlaryň sany hem yzygiderli artdyrylýar. Ýeri gelende bellesek, 2024-2025-nji okuw ýylynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda hem magistr maksatnamasy esasynda taýýarlygyň halkara arbitraž we işewürlik hukugy ugrunyň girizilmegi geljekki halkara hukukçylary taýýarlamakda möhüm başlangyçdyr.

Hawa, durky bilen üstünlige beslenýän «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylymyzyň bereketli altyn güýzüniň ilkinji gününde bellenip geçilýän Bilimler we talyp ýaşlar güni orta mekdebe kabul edilen 1-nji synplaryň hem-de ýokary okuw mekdepleriniň talyplary bolmak bagtyna miýesser bolanlaryň ýürek joşgunlary bilen utgaşyp, özboluşly sazlaşyk emele getirýär. Olary ýagşydan-ýagşy umytlara, täzeden-täze ertirlere atarýar. Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň ylym-bilim ulgamyny ösdürmekde alyp barýan tutumlaryna jogap edip, mugallymlar, talyp ýaşlar, mekdep okuwçylarydyr bilim işgärleri ýurdumyzyň ösüşine öz mynasyp goşantlaryny goşýarlar. Döwlet tarapyndan berilýän goldaw, bildirilýän ynam olaryň ýeňil bolmadyk işleriniň,



döredijilik gözlegleriniň gönezlik çeşmesidir. Biz hem ähli kärdeşlerimizi, talyp ýaşlarydyr mekdep okuwçylaryny ýetip gelen Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli tüýs ýüregimizden gutlaýarys.

**Mekdep — geçmiş bilen geljegiň, çagalyk bilen durmuşyň baglanyşygy. Ählisi bir ýana, bu günki pikir tereziňde ölçeýän ahwallaryň başga bir ýana. Edil ýaňy ýaly dälmidi, ýantorbama emaý bilen depderlerimi örüp, ony elýetmez bir ýerde arzylap goýan pursatlarym, talyp lentasyny egnimden aýrasym gelmän ýören günlerim, ilkinji zähmet ýoluma başlap, mugallym hökmünde ýene-de bilimler dünýäsiniň gapysyndan ätlemegim. Häzir bolsa 1-nji synpa gadam basýan oglum Akmuhammediň mäkäm tutýan ellerini gysyp, onuň tükeniksiz sowallaryna jogap tapjak bolýaryn...**

***Ogulmaýsa AMANMUHAMMEDOWA,***
***Žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň mugallymy.***

***Täze okuw ýylynda 1-nji synpa barjak 155 müň 641 çaga hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň adyndan «Bilimli» atly kompýuteri sowgat alarlar.***

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
METBUGAT – ELEKTRON GAZETI
ELECTRONIC NEWSPAPER
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Baş redaktor
**Täzegül KULJIKOWA**

**Baş redaktoryň orunbasarlary:** M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
**Jogapkär kätip:** B.Garaýew.
**Jogapkär kätibiň orunbasary:** A.Kaşaňow.

**Bölüm müdiri:** J.Öwezowa.
**Edebi işgärler:** A.Ýazweliýew, O.Çaryýarowa, A.Nobatowa, Y.Hallyýew.

**Korrektor:** A.Döwletowa, M.Orazdurdyýewa.

**Redaksion geňeşiň agzalary:**
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, A.Gökleňow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.

**Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.**

**E-mail:**
hgi.redaksiya@gmail.com